# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy)

Aşgabat • Ylym • 2024

**Ýunus Baýramdurdyýew,**
*Sanly diplomatiýa ugrunyň magistranty*

# MERKEZI AZIÝADA SEBITLEÝIN HOWPSUZLYGYŇ ÜPJÜN EDILMEGI BABATYNDA TÜRKMENISTANYŇ ALYP BARÝAN SYÝASATY

Türkmenistan BMG-niň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi bilen ählumumy ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça işjeň hyzmatdaşlyk alyp barýar. Merkezi Aziýada howpsuzlygyň üpjün edilmeginiň ähmiýeti babatynda Türkmenistanyň eýerýän ýörelgesi BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji mejlisiniň dowamynda beýan edilipdi.

2017-nji ýylyň 13-nji iýunynda Aşgabatda BMG-niň Baş sekretarynyň gatnaşmagynda BMG-niň terrorçylyga garşy Ählumumy strategiýasyny durmuşa geçirmek boýunça BMG-niň we Merkezi Aziýanyň arasynda ýokary derejeli duşuşyk geçirilip, şonuň esasynda hem Aşgabat Jarnamasy kabul edilipdi. Terrorçylygyň ýüze çykmagynyň sebäplerini aradan aýyrmaga gönükdirilen ylalaşykly hereketleri işläp taýýarlamak hem-de sebit merkeziniň işi bilen bagly öňde goýlan köpsanly wezipeler babatda netijeli durmuş çözgüdini, elbetde, wagtyň özi has-da açyk görkezer. Türkmenistan tarapyndan BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji hem-de 64-nji mejlisiniň, şeýle hem 65-nji mejlisiniň dowamynda sebitiň howpsuzlygy, Owganystanda ýagdaýlaryň kadaly ýola goýulmagy hakynda aýdylanlar hem muny aýdyň subut edýär [1].

Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň 2022-nji ýylyň iýul aýynda Gyrgyz Respublikasynyň Çolpon-Ata şäherinde geçirilen dördünji konsultatiw duşuşygynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow öz kärdeşleriniň ünsüni soňky ýyllarda dünýäde bolup geçen düýpli özgerişleriň netijesinde halkara gatnaşyklarynda täze ýagdaýlaryň emele gelip, sebite wehim salýan birnäçe täze howplaryň ýüze çykanlygyna çekdi. Türkmenistanyň Prezidenti öz çykyşynda käbir daşarky güýçleriň sebitiň ýurtlarynyň içerki ýagdaýyny durnuksyzlaşdyrmaga gönükdirilen synanyşyklaryny, ekstremistik we radikal elementleri sebite aralaşdyrmak ugrunda alyp barýan aç-açan hereketlerini esasy howplaryň hatarynda kesgitläp, sebitiň serhetleriniň golaýynda bolup geçýän harby-syýasy gapma-garşylyklaryň netijeleriniň we häzirki zaman maglumat tehnologiýalarynyň mümkinçilikleriniň bikanun ulanylmagynyň Merkezi Aziýanyň halklarynyň milli däplerine ters gelýän, jemgyýetçilik aňynda orun alan däpleýin gymmatlyklara we asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alyp gaýdýan milli ýörelgelere çapraz gelýän pikirlerdir garaýyşlaryň döremegine getirip biljekdigini sebite wehim salýan howplaryň hatarynda görkezdi. Şeýle görnüşli howplara garşy göreşde häzirki zaman aragatnaşyk serişdeleleriniň aýgytly ornunyň bardygyny nygtap, Türkmenistanyň Prezidenti öz çykyşynda

sebitiň döwletleriniň habarlar agentlikleriniň, elektron köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň gatnaşmagynda howpsuzlyk meselelerine bagyşlanan Merkezi Aziýa mediaforumynyň geçirilmegi baradaky teklibi öňe sürdi.

Mälim bolşy ýaly, howpsuzlyk ulgamynda sebitleýin hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň biri häzirki döwürde Owganystanda dörän syýasy ýagdaý bilen baglanyşyklydyr. Bu hyzmatdaşlygyň esasy wezipeleriniň hataryna Owganystandaky ýagdaýy durnuklylaşdyrmagy, parahatçylykly gepleşikler arkaly umumymilli ylalaşygy gazanmak üçin şertleriň döredilmegi, terrorçylyga garşy göreşmek ugrundaky halkara tagallalara goldaw berilmegi, Owganystanyň ilatyna ykdysady we ynsanperwerlik kömekleriniň berilmegi bilen baglanyşykly aladalaryň has-da netijelikli bolmagynyň gazanylmagy ýaly meseleler girýär [3].

Bu meseleleriň amatly çözülmeginiň tapylmagy ugrunda Türkmenistan tarapyndan degişli çäreler durmuşa geçirilýär. Munuň aýdyň mysallarynyň biri hökmünde 2017-nji ýylyň 14–15-nji noýabrynda Aşgabatda owgan meselesi boýunça möhüm meselelere çözgüt tapylmagyna, özara ylalaşylan çözgütleri işläp taýýarlamakda geljekki tagallalary birleşdirmäge, Owganystanyň parahat asuda ösüşi üçin bilelikde işjeň hereket etmäge hem-de tutuşlygyna sebit we sebitara derejede ykdysady integrasiýany güýçlendirmäge ýardam bermegi maksat edinen Owganystan boýunça 7-nji sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlyk Maslahatynyň (RECCA VII) mejlisiniň geçirilendigini görkezmek mümkin. Maslahata Aziýadan, Ýewropadan, Demirgazyk we Günorta Amerikadan, Okeaniýadan 36 döwletiň wekilleri, 28 sany halkara guramalary, şol sanda BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary we düzümleri, birnäçe jemgyýetçilik guramalary gatnaşdy. Türkmenistanyň teklibi esasynda bu maslahatda Owganystanda emele gelen ýagdaýlary diňe parahatçylykly, syýasy-diplomatiki ýollar bilen, dialog arkaly kadalaşdyrmagyň mümkindigi hakyndaky karara gelindi.

Türkmenistan Owganystanda parahatçylygyň we gülläp ösüşiň dabaralanmagyna hemmetaraplaýyn goldaw berýär. 2018-nji ýylda goňşy ýurduň Bathyz welaýatynda gurlan Rabatkaşaň – Kalaýnau elektrik geçiriji ulgamyň ulanmaga berilmegi türkmen elektrik energiýasyny Owganystanyň demirgazyk etraplaryna ýeňillikli şertlerde ugratmagyň täze ugruny emele getirdi. Türkmenistan – Owganystan – Päkistan – Hindistan (TOPH) gaz geçirijisiniň elektrik geçiriji ulgam we optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamy hem çekilip başlandy. Ýeri gelende bellesek, TOPH gaz geçiriji taslamasy sebitde energiýa howpsuzlygyny ýokarlandyrmagy, ykdysady hyzmatdaşlygyň has-da ösdürilmegine ýardam bermekligi maksat edinýär [4].

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň 2023-nji ýylyň 10-njy noýabrynda geçirilen mejlisinde Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Türkmenistan – Owganystan – Päkistan elektrik geçiriji ulgamynyň gurluşygyny dowam etdirmek boýunça degişli ýolbaşçylara tabşyryklar berdi. Prezidentiň tabşyrygy boýunça Türkmenistanyň wekiliýeti bu taslamanyň, şeýle-de TOPH

gaz geçirijisiniň, goňşy döwletiň demir ýol infrastrukturasyny giňeltmek boýunça taslamalaryň durmuşa geçirilişiniň häzirki ýagdaýyny ara alyp maslahatlaşmak maksady bilen, ýakynda Owganystanyň Hyrat welaýatyna iş saparyny amala aşyrdy.

Bu wajyp taslamalarda Türkmenistanyň döredijilikli daşary syýasat strategiýasy öz beýanyny tapýar. Bu iri infrastruktura taslamalary sebit hem-de ählumumy derejede parahatçylygy, durnuklylygy pugtalandyrmaga, dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk, netijeli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmäge gönükdirilendir [5].

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Araly halas etmegiň halkara gaznasynyň şertnamalaýyn-hukuk binýadyny kämilleşdirmek hem-de geljekki işleriň maksatlaryny we wezipelerini kesgitlemek boýunça çäreleri işjeňleşdirmegi hem teklip etdi. Hususan-da ol öz çykyşynda: “Şunuň bilen baglylykda, biz, Gaznanyň şertnamalaýyn-hukuk binýadyny kämilleşdirmek hem-de geljekki işleriň maksatlaryny we wezipelerini kesgitlemek boýunça çäreleri işjeňleşdirmegi teklip edýäris. Bu işleri Araly halas etmegiň halkara gaznasyny esaslandyryjy döwletleriň ählisiniň bähbitlerini hasaba almak bilen hem-de halkara hukugynyň binýat goýujy ýörelgeleri we kadalary esasynda alyp barmagy zerur hasaplaýarys” – diýip nygtady [6].

2023-nji ýylyň 14-nji sentýabrynda Täjigistanyň paýtagty Duşenbe şäherinde Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň bäşinji konsultatiw duşuşygy geçirildi. Ol köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine täze itergi berer, sebitiň durnukly ösüşi üçin zerur şertleri döretmäge ýardam eder.

2012-nji ýylda Türkmenistanda howanyň üýtgemegi barada Milli strategiýa tassyklanyldy. Onda Aral deňziniň meseleleri, hususan-da, Aralyň guramagy zerarly daşky gurşawa ýetýän oňaýsyz täsiri peseltmek, çölleşmä we ýeriň ýaramazlaşmagyna garşy göreşmek, Aral sebitinde arassaçylyk-epidemiologik ýagdaýy gowulandyrmak, durmuş, ynsanperwer häsiýetli birnäçe meseleleri çözmek boýunça geçirilýän çäreler öz beýanyny tapdy. 2019-njy ýylda biz, häzirki döwrüň ýagdaýlaryny hasaba almak bilen, bu strategiýany döwrebaplaşdyrdyk, şondan soňra bolsa Aral boýunça 2021–2025-nji ýyllar döwri üçin Milli maksatnamany kabul etdik. Onda ykdysady, durmuş, ekologiýa, suw ulgamlarynda 86 taslamany durmuşa geçirmek göz öňünde tutulýar [7].

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow 2023-nji ýylyň 19-njy maýynda BMG-niň Aziýa-Ýuwaş umman sebiti üçin Ykdysady we Durmuş komissiýasy Türkmenistanyň öňe süren başlangyjy esasynda BMG-niň Aral deňziniň sebiti üçin Ýörite maksatnamasyny döretmek bilen baglanyşykly Kararnamany kabul etdi.

Bellenilişi ýaly, Türkmenistan sebitiň ekologik meselelerine strategik çemeleşmäni kemala getirmekde möhüm ädim hökmünde ýöriteleşdirilen düzümi – Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly tehnologiýalar boýunça sebit merkezini döretmegi teklip edýär. Ol BMG bilen hyzmatdaşlykda sebitde

ekologik gün tertibiniň ähli ugurlary boýunça anyk we yzygiderli işleri geçirip bilerdi. Mundan başga-da biziň ýurtlarymyza Merkezi Aziýada suw serişdeleriniň goralmagyna hem-de rejeli peýdalanylmagyna gönükdirilen halkara resminamalary işläp taýýarlamak we kabul etmek çärelerini çaltlandyrmak meselesi möhüm bolup durýar diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi hem-de bu ugurda bilelikdäki diplomatik tagallalary işjeňleşdirmegi teklip etdi.

Araly halas etmegiň halkara gaznasyny esaslandyryjy döwletleriň Baştutanlarynyň kabul eden Duşenbe Beýannamasynda Aral deňziniň meselelerini çözmek boýunça ara alyp maslahatlaşmalaryň netijeleri öz beýanyny tapdy. Şeýle hem Araly halas etmegiň halkara gaznasyny esaslandyryjy döwletleriň Baştutanlarynyň Täjigistan Respublikasynyň Araly halas etmegiň halkara gaznasyna başlyklygynyň netijeleri hakynda Çözgüdine, AHHG-ny esaslandyryjy döwletleriň Baştutanlarynyň Araly halas etmegiň halkara gaznasynyň guramaçylyk gurluşyny we şertnama-hukuk binýadyny gowulandyrmak boýunça işleri hakynda Çözgüdine, Araly halas etmegiň halkara gaznasyny esaslandyryjy döwletleriň Baştutanlarynyň AHHG-nyň Prezidentiniň saýlanylmagy hakynda Çözgüdine gol çekildi [9].

Ýokarda getirilen mysallar Türkmenistanyň Merkezi Aziýa sebitine wehim salýan howplar babatynda degişli çäreleri durmuşa geçirýändigini, öz daşary syýastynda hem bu ugurdaky meselelere aýratyn üns berýändigini subut edýär. BMG-niň ýokary wezipeli wekili Wladimir Goryaýewiň: “Oýlanyşykly içeri we daşary syýasatynyň yzygiderli durmuşa geçirilýändiginiň netijesinde, Türkmenistan Merkezi Aziýada we bütin dünýäde durnuklylygyň oňyn faktory hökmünde çykyş edip, sebitde möhüm orny eýeleýär” diýen sözleri muňa doly güwä geçýär [2].

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň nygtaýşy ýaly, bilelikdäki işlerde ileri tutulýan ugurlaryň ylalaşylmagy, ösüşiň meýilnamalarynyň utgaşdyrylmagy halklarymyzyň düýpli bähbitlerine, milli ykdysadyýetleriň mümkinçiliklerine we isleglerine laýyk gelýär. Merkezi Aziýa ýurtlarynyň öz gatnaşyklaryny häzirki döwrüň ýörelgeleri esasynda guramak bilen, umumy ösüş binýadyna daýanýandygy, olaryň köpasyrlyk oňyn tejribäni ulanyp, häzirki döwrüň geosyýasy we ykdysady şertlerinde taryhy dowamatlylygy üpjün edýändigi wajypdyr.

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan — Bitaraplygyň mekany. – A.: TDNG, 2020.

2. Dünýäde ykrar edilen lider. (Daşary ýurt ýolbaşçylarynyň, syýasatçylaryň we meşhur adamlaryň Türkmenistan hem-de Gahryman Arkadagymyz hakda aýdanlaryndan). – A., 2014.

3. https://ryny.gov.tm/news/2022-07-25T0941-Turkmenistanyn-taze-bashlangychlary-ahlumumy-parahatchylygyn-we-ynanyshmagyn-upjun-edilmegine-saldamly-goshantdyr.

4. https://www.mfa.gov.tm/tk/articles/196.
5. https://www.turkmenistan.gov.tm/tk/habar/78631/netijeli-turkmen-owgan-hyzmatdaslygyny-osdurmegin-ugry-bilen.
6. https://turkmenportal.com/tm/blog/67111.
7. https://www.mfa.gov.tm/articles/952.
8. https://www.turkmenistan.gov.tm/tk/habar/75570/hormatly-prezidentimiz-araly-halas-etmegin-halkara-gaznasyny-esaslandyryjy-dowletlerin-bastutanlarynyn-genesinin-sammitine-gatnasdy.

**Jamal Halnazarowa,**
*Sanly diplomatiýa ugrunyň magistranty*

# HALKARA GATNAŞYKLARDA “ÝUMŞAK GÜÝÇ” USULYNDAN PEÝDALANMAKDA SANLY TEHNOLOGIÝALARYŇ ORNY

Halkara gatnaşyklarynyň gündelik tejribesinde, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde soňky ýyllarda “ýumşak güýç” adalgasy giňden ulanylyp başlanyldy. Aslynda bu adalgany ulanyşa girizen amerikan syýasatçysy Jozef Naý bolup, onuň pikiriçe, halkara gatnaşyklarynda möhüm rol oýnaýan serişde hökmünde ynsanperwer gatnaşyklar çykyş edip olar dünýä syýasatyna we işewür gatnaşyklaryna göni ýa-da gytaklaýyn täsir edýän “ýumşak güýje” öwrüldiler. Ýumşak güýji ulanmak islendik ugurda peýdalanylmaga degişlidir. Ýönekeýje mysal hökmünde, maşynyň hereketlenmegi üçin daşyndan seredeniňde uly güýç gerek bolýan ýaly emma, ony uly güýç sarp etmezden, açaryň kömegi bilen islendik ýere hereketlendirip bilşimizdir. Diýmek, islendik zatda hem uruş, dawasyz islenilen zada ýa-da niýete ýetmek öz elimizdäki açary ulanyp bilşimize baglydygyny görkezýär. Syýasatda (esasanam, halkara sgatnaşyklarynda) ýumşak güýç mejbur etmek däl-de (gaty güýçden tapawutlylykda), bilelikde saýlamak ukybydyr. Bu özüne çekijilik we özüne çekiji arkaly başgalaryň isleglerini kemala getirmegi öz içine alýar. “Ýumşak güýç” üýtgeşiklik girizmek üçin mejbury däl medeniýeti we syýasy gymmatlyklary ulanmagyň ýoludyr. Bu güýç adamlary hatda, diplomatik ýollaryň üsti döwletleri hem öz bähbidiňe çekip bilmekdir.

Ýumşak we täsirli güýç halkara gatnaşyklar ulgamyndaky tutýan orny soňky ýyllarda sanly diplomatiýanyň üsti bilen has-da artdy. Medalyň iki ýüzüniň bolşy ýaly, güýjüňem iki ýüzi bar: gaty ýa-da gödek we ýumşak. Birinjisinde, göz öňünde tutulan syýasy maksatlara ýetmek üçin haýbat atmaga, harby güýç ulanmaga ýa-da ykdysady sanksiýalary girizmäge ýüz urulýar. Ýumşak güýç bolsa, syýasy maksatlary, başgalarynyň çemeleşmelerini olary mejbur etmezden boýun etme we özüne çekme ýoly bilen üýtgedip amala aşyrma ukubydyr. Meselem, institutlar,